# Şahyryň beýikligi nämede?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şahyryň beýikligi nämede? ŞAHYRYŇ BEÝIKLIGI NÄMEDE?

Dünýäň bir ýerinde bir enäň göwni
Biweç perzent üçin ynjasa eger,
Dünýäň başga künjündäki şahyryň
Kalbyna şol ýaraň bir ujy deger.

Bir ýerde bir gyzyň ýansa ýüregi,
Söýgi synyp, küle çökse ykbaly,
Başga ýerde bir şahyryň bagryna
Şol ataşyň düşjekdigi hökmany.

Ýa bir ýerde uruş odun köredip,
Bir il şer gözlese başga bir ilden,
Bütin dünýäň şahyrlarnyň şol oda
Jigerini daglajagna kepil men. Goşgular